TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ MILLI BILIM INSTITUTY

# INFORMATIKA 7

Türkmenistanyň orta mekdepleriniň VII synplary üçin interaktiw-multimedia elektron gollanmasy

AŞGABAT 2014

# Prezentasiýany saklamak we çap etmek

Döredilen prezentasiýany faýl görnüşinde gaty diskdäki papkalarda, iş stolunda, disketde, ykjam-diskde, fleş diskde ýa-da başga informasiýa göterijilerde ýatda saklamak bolýar.

PowerPoint 2010 programmasynda döredilen prezentasiýalary faýl görnüşünde kompýuteriň ýadynda saklamak işi **Файл→Сохранить** ýa-da **Сохранить как...** buýruklaryň birini ulanyp, iş penjiresindäki  -belligi saýlamak ýa-da klawiaturadan **Ctrl+S** klawişleri utgaşdyryp basmak arkaly ýerine ýetirilýär. Bu buýruklaryň haýsysy berlse-de, faýla at goýmagy soraýan penjire açylýar.



Prezentasiýany kompýuteriň ýadynda saklamak üçin, ýokardaky suratda görkezilen penjiredäki Имя файла: ýazgynyň sagyndaky setirde oňa at goýmaly. Soňra at goýlan faýlyň ýerleşdirmeli papkasyny görkezmeli. Eger penjiräniň sagyndaky papkalardan başga papkalarda faýly ýerleşdirmeli bolsa, onda çep tarapdaky süýşürme zolagyň sagyndaky  belgini basyp, çykan sanawdan gerekli papkany saýlap bolýar.

Faýly kompýuteriň ýadynda saklamak üçin, ýokarky penjiräniň içinde täze papka hem döretmek bolýar. Onuň üçin penjiräniň boş ýerinde syçanyň sag gulagyny basyp, kontekst menýudan **Создать→Папку→Enter** buýruklary saýlap, papka at goýumaly.

PowerPoint 2010 programmasynda döredilen prezentasiýalar dürli formatlarda kompýuteriň ýadynda we beýleki gurluşlarda saklap bolar. Bu işi suratdaky penjirede **Тип файла** ýazgynyň sagyndaky setiriň gyrasynda ýerleşen belgini basanyňda çykan formatlardan  birini saýlamak arkaly ýerine ýetirip bolar.



Öň at berlip, haýsam bolsa bir formatda kompýuteriň ýadynda we beýleki gurluşlarda saklanan faýly başga formata geçirmek işi suratdaky sanawdan ýerine ýetirmek bolar.

Microsoft PowerPoint 2010 programmasynda döredilen prezentasiýa faýly Microsoft Office PowerPoint 2007 programmasynda açmak bolýar. Emma has öňki Microsoft Office programmalar toplumy üçin, prezentasiýany ýokarky penjiredäki Презентация PowerPoint 97-2003 formatda saklamaly.

Microsoft Office PowerPoint 2007 we Microsoft PowerPoint 2010 programmalarynda prezentasiýalar .pptx giňeltmede, olardan öňdäki Microsoft Office programmalar toplumynda .ppt giňeltmede ýatda saklanylýar.

Eger prezentasiýa Microsoft PowerPoint 2010 programmasynda taýýarlanylyp, has öňdäki Microsoft Office programmalarynda açylanda, käbir buýruklar kadaly ýerine ýetmeýär.

Prezentasiýalary Файл→Печать buýrugy bermek arkaly çap etmek bolýar. Çap etmek buýrugy berilmezden öň, çap etme penjiresinde printeri we slaýdlary sazlamak maslahat berilýär. Çap etme penjiresi aşakdaky suratda görkezilen.


Презентация1 - Microsoft PowerPoint
Файл
Главная
Вставка
Дизайн
Переходы
Анимация
Показ слайдов
Рецензирование
Вид
Сохранить
Сохранить как
Открыть
Закрыть
Сведения
Последние
Создать
Печать
Сохранить и отправить
Справка
Параметры
Выход
Печать
Печать
Копии: 1
Принтер
Отправить в OneNote 2010
Готово
Свойства принтера
Настройка
Напечатать все слайды
Напечатать всю презентацию
Слайды:
Слайды размером во всю стран...
Напечатать 1 слайд на странице
Разобрать по копиям
1,2,3 1,2,3 1,2,3
Цвет
Изменить колонтитулы
ÇAP ETMEK
1 из 1
55%

# Gönükmeler

1.Prezentasiýa döretmeli we PDF formatda kompýuteriň ýadynda saklamaly.

2.Prezentasiýaörediň we çap ediň.

# Interaktiw-multimedia elektron gollanmanyň awtorlary:

**Saryýew Döwran**
**Ataýew Kakageldi**
**Garýagdyýew Oraz**